# Gamzasyn söýdüň, köňül, janyň gerekmezmi saňa?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gamzasyn söýdüň, köňül, janyň gerekmezmi saňa?



Gamzasyn söýdüň, köňül, janyň gerekmezmi saňa?
Tyga urduň jismi-urýanyň, gerekmezmi saňa?
Ataşyn ahymla eýlär sen maňa teklibi-bag,
Bagyban, gülbargy-handanyň gerekmezmi saňa?

Ýele berme dagydyp her ýan, aýaklardan göter,
Eý, peri, zülpi-perişanyň gerekmezmi saňa?

Eý, keman ebruý, rakyba berme gamzaňdan nesip,
Ok atar sen daşa, peýkanyň gerekmezmi saňa?

Ýandyryp janym, jahansuz etme barhy-ahymy,
Asyman, hurşydy-rahşanyň gerekmezmi saňa?

Küpr zülpünden meni menyg eýlemek lamykmydyr?
Sopy, ynsap eýle, imanyň gerekmezmi saňa?

Tutalym kim yşk syl abyna ýokdur ygtybar,
Eý, Fuzuly, çeşmi-girýanyň gerekmezmi saňa? Goşgular